# BANK ADALGALAR

| | | |
|---|---|---|
| ***1.*** | Pul borçnamalaryň möhletini geçirlendigi we wagtly-wagtynda amal eýlenmedigi üçin, pul jerimesi salnyp çäre görülýän hereket. | Penýa |
| ***2.*** | Belli bir tölegi üçin seçip alma ygtyýary | Opsion |
| ***3.*** | Karz alyjynyň alan ssudasyny gaýtaryp bermedik halatynda, girew hökmünde garalýan aktiwler. | Üpjünçilik |
| ***4.*** | Salgyt töleýjiniň geçen döwür üçin girdeýjileri barada resmi beýannamasy. | Salgyt jarnamasy |
| ***5.*** | Ýuridiki we fiziki taraplary bölekleýin ýada doly salgyt tölemekden boşatmak. | Salgyt ýeňillikleri |
| ***6.*** | Döwlet we ýerli büdjetlere ýuridiki we fiziki taraplaryň hökmany tölegleri. | Salgyt |
| ***7.*** | Haýsy hem bolsa bir zady üznüksiz gözegçilikde saklamak. | Monitoring |
| ***8.*** | Täjirçilik banklarynda karz serişdelerine bolan wagtlaýyn zerurlygy kanagatlandyrmak üçin Merkezi bank tarapyndan gymmatly kagyzlary girewine almak bilen berilýän gysga möhletli karzlar | Lombard karzy. |
| ***9.*** | Türkmenistanyň Merkezi Bankyň gaýtadan maliýeleşdirmek nyrhy | 5% |
| ***10.*** | Ssudany bermeklik üçin gozgalýan emlägi, zatlary, girewine alyp, haýsydyr bir gurama ony saklamaklyga berýän edara | Lombard |
| ***11.*** | Diwidendtleri ýa-da göterimleri tölemek üçin berilýän, göterimleri hem diwidendtleri almaga ygtyýary bar bolan gymmatly kagyzyň bölünip aýrylan talon görnüşdäki bölegi | Kupon |
| ***12.*** | Täjirçilik banklarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ätiýaçlyk gorlaryna hökmany geçirmeli serişdeleriniň möçberi | Milli we daşary ýurt pulunda belli möhletli serişdeler boýunça 5%, milli pulundaky galan serişdeleriň 25%, daşary ýyrt pulundaky galan serişdeleriň 8% |
| ***13.*** | Bankyň zamunçylygy, kepil geçmegi netijesinde, zamunçy bolan tarapyň wekseli tölemek boýunça onuň eýesiniň öňündäki jogapkärçiligi. | Awal |
| ***14.*** | Belli bir görnüşli tabşyryklaryň amala aşyrylandygyny tassyklaýan (amallaryň geçirlendigi, tölegleriň gelendigi, özara hasaplaşyklaryň ýagdaýlary üýtgänligi barada) resmi poçta ýa-da telegraf arkaly habarnama (mälim etmeklige) . | Awizo |
| ***15.*** | Döwletiň daşary ýurtlatyň hasaplarynda saklaýan gyzyl pul serişdeleri (daşary ýurtlaryň aragatnaşykçy banklarynda) | Awuarlar |
| ***16.*** | Resminamada görkesilen şertlere laýyklykda (belli bir edara görnüşdäki ýa-da şahsy adam tarapyndan) kesgitli möçberde puly tölemeklik barada tabşyrygy öz içine alyp görkezýän maliýe resminamasy. | Akkredetiw |
| ***17.*** | Ýurduň pul birliginiň adyny üýtgetmän ulaltmak we pul dolanşygyny ýeňilleşdirmek hem pul serişdeleriniň doly bahalylygyny artdyrmak maksatlary bilen geçirilýän amal. | Denominasiýa |
| ***18.*** | Pul nyşanynyň ýa-da gymmatly kagyzyň ýeke-täk nusgasynyň umumy ady | Kupýura |
| ***19.*** | Kärhanalaryň we guramalaryň arasyndaky nagt däl görnüşdäki hasaplaşyklary amal etmek usulyýetiniň mazmuny şuňa syrygýar, ýagny: resminamada agzalan şertleri we möhletleri göz öňünde tutup gerekli möçberdäki pul jemini tölemeklik üçin töleýjiniň banky, tölegi alyja hyzmat edýän banka tabşyryk bermekdir. | Hasaplaşyklaryň akkredetiw görnüşi |
| ***20.*** | Bankyň razylygy bilen töleg resminamalaryna kepil geçip ýazgy görnüşinde resmileşdirip tölemeklik amaly | Bank aksepti |
| ***21.*** | Jemgyýetiň maýalyk gorynyň eýeçiliginde ygtyýarynyň bardygyna güwä geçýän gymmat bahaly kagyz. | Paýnama |
| ***22.*** | Haýsydyr bir haryt, karzlar, gyzyl pull we gymmatly kagyzlar bilen söwdalaşyk geçirmek usulyýeti. Ýokarlanyp bilýan (Iňlis) we aşaklanyp bilýän (Golland ), kesgitli bellenen nyrh esasynda... | Auksion |
| ***23.*** | Ylalaşyk netijesinde bir bankyň başga bir bankyň tabşyrygy boýunça şol bankyň hasabyna geçirýän amaly | Aragatnaşykçy bank |
| ***24.*** | Müşderiniň pul bilen baglanşykly ýa-da gaýry borçnamalary amal etjekdigi barada bankyň berýän güwänamasy. | Bank kepilnamasy |
| ***25.*** | Banka goýulýan pul serişdeleri boýunça tölenýän göterimler | Bank depozity |
| ***26.*** | Tölege ukyplylyk, gyssaglylyk we gaýtaryp berilmeklik şertleri bilen bank tarapyndan berilýän pul ssudasy | Bank karzlary |
| ***27.*** | Pul seişdeleriniň saklanyşy we hereketleri nagt puluň gatnaşmazlygynda amal bolýan we ol serişdeleriň ilki bilen bank hasabyna ýazylan soň töleýjiniň hasabyndan alyjynyň hasabyna geçirmeklik boýunça pul dolanşygynyň usuly | Nagt bolmadyk hasaplar |
| ***28.*** | Diňe kanun tarapyndan göz öňünde tutulyp ygtyýar berilýän halatlarynda, hasabyň eýesiniň razylygy bolmazdan onuň hasabyndan degişli bir pul möçberini öçürmeklik. | Jedelsiz gerekli serişdeleri öçürmeklik |
| ***29.*** | Toparyň şertnamasy ýa-da tabşyrygy esasynda müşderiniň hasabyna we onuň tabşyrygy boýunça gymmatly kagyz bazarynda araçy bolup çykyş ediji ezber | Gymmat bahaly kagyzlar boýunça broker (maliýe brokeri) |

| | | |
|---|---|---|
| | hünärmen. | |
| ***30.*** | Täjirçilik bankynyň daşary ýurt walýutasyna bolan talaplarynyň we borçlarynyň biri-birine gatnaşygy. | Walýuta pozisiýasy |
| ***31.*** | Berlen möhleti tamamlanansoň bellenen pul jemini talap etmäge ygtyýar berýän kesgitli usul boýunça düzülen we ýazylan bergidarlyk borçnamasy görnüşinde bolan gymmat bahaly kagyz. | Weksel |
| ***32.*** | Bankda saklamak üçin goýulan pul serişdeleri | Goýum |
| ***33.*** | Kepilnamaça ygtyýar berýän we zamun bolýan şahs | Güwä geçýän adam |
| ***34.*** | Paýnamalara, obligasiýalara we gaýry gymmatly kagyzlaryň eýesi | Gymmat bahaly kagyzlaryň eýesi |
| ***35.*** | Paýdarlaryň eýeçiliginde bolan paýnamalaryň sanyna (%) görä, paýdarlar jemgyýetiniň (ýa-da bankyň) sap girdeýjini paýdarlaryň aralarynda deň ölçegde paýlamaklyk | Diwidend |
| ***36.*** | Bankyň müşderleri bolan şahsy taraplaryň ýa-da hususy kärhanalaryň tabşyryklaryny nazara almak bilen olaryň bähbitlerini arap bank tarapyndan geçirilýän amallar | Ynanç amallary |
| ***37.*** | Paýnamalaryň ilkinji ýerleşdirlendäki bahasynyň onuň nominal bahasy bilen ara tapawudyndan we olaryň nominal bahasy hem gymmatly kagyzyň satlyk bahasyndan peýdaly pul aratapawutdan kompaniýa gelýän girdeýjiler | Emissiýa gelýän girdeýjiligi |
| ***38.*** | Köp bolmadyk maýa goýujylaryň arasynda jar etmezden gymmatly kagyzlary resmi däl taýdan ýerleşdirmeklik; ilkinji bazaryň dolanşygynda göýberilýän gymmatly kagyzlary diňe guramaçylaryň ýa-da öňünden şertleşilen toparyň şahslaryň arasynda ýerleşdirmeklik. | Ýapyk ýazylyşmak |
| ***39.*** | Karzy gaýdyp bermeklik barada bergidaryň öz üstüne alan borçnamalaryň amallaryny berjaý etmekligiň giňden ýaýran usulyýetiniň biri | Girew |
| ***40.*** | Öz ýurduň ýa-da daşary ýurduň kärhanalaryna, täjirçilik we täzelikçilik taslamalaryna, durmuş üpjünçilik-ykdysadyýet maksatnamalaryna uzak möhletli maýa goýumlar | Maýa goýumlar |
| ***41.*** | Adatça orderli gymmatly kagyzyň (wekseliň, çekiň, konosamentiň) arka tarapynda bir şahsyýetden başga bir şahsyýete bu resminama laýyklykda ygtyýarlygyny gowşurýändygy barada güwä geçýän tabşyryş ýazgysy. | Indossament |
| ***42.*** | Pul serişdelerini bir müşderiden başga bir müşderä, tölejiden alyja bolan bank amalynyň bir görnüşi | Inkasso |
| ***43.*** | Ssuda almak maksady bilen gozgalmaýan emlägi, esasan hem ýer bilen binalary girewe goýmaklyk | Ipoteka |
| ***44.*** | Kompaniýalar, kärhanalar we aýry döwletlere getirilen haryt, eýlenen hyzmatlar üçin nagt bolmadyk hasaplaşyklary, balansyň töleg şertlerinden ugur alyp, özara amal hasaplaşyklary geçirmeklik | Kliring |
| ***45.*** | Uzak wagtyň içinde karz alyjynyň üstüne ýüklenen bank borçnamalaryny almaklyk we olary gaýtaryp bermeklik barada, eýeçiliginiň edara tarapyny döredýän ýa-da hususy şahs taraplaryna degişli borçnamalaryny ýerine ýetirlişiniň alnan serişdeleriň gaýtarlyp bermeklik netijesiniň nukdaýnazaryndan garap, nurbatlygyny häsiýetlendirmek üçin toplanan maglumatlar | Karz taryhy |
| ***46.*** | Gyzyl puluň belli topary boýunça haýsydyr bir gyzyl puluň orta-gürp hümmetiniň kesgitlenşi | Gyzyl pul sebeti |
| ***47.*** | Karz alyjynyň alan karzynyň gaýtaryp berjek mümkinçili we onuň borçnamalarynyň nurbatlygy nukdaýnazaryndan tölemeklik ukyplylygyna baha bermeklik | Karz ýagdaynyň ukyplylygy |
| ***48.*** | Meselem, karz alyjynyň lüt düşmegi zerarly, berlen karzy we göterimlerini gaýdyp bermezlik töwekgelçiligi | Karz töwekgelçiligi |
| ***49.*** | Karz alyja öňünden döreýän şertiň esasynda karzy almak we jaý möhletinde gaýtaryp bermek mümkinçilikleri | Karzy tölemäge ukyplylyk |
| ***50.*** | Gazna biržasynda gymmatly kagyzlaryň satylýän we alynýan bahasy | Gymmatly kagyzlaryň hümmet derejesi |
| ***51.*** | Öňünden kesgitlenen bahasy boýunça yjara alyjy tarapyndan maşynlary, enjamlary, ulag serişdeleri we önümçilik hyzmatlary üçin desgalaryny, yjaranyň möhletiniň soňunda töläp boljak mümkinçilikleri we gaýtaryp almaklygy göz öňünde tutulýandyr; karz bermekligiň ýenede bir görnüşi, ol işläp çykaryjy üçin ygtyýarly ýa-da ygtyýarsyz töläp gaýtaryp almaklyk; yjarasyna alynýan enjamlaryny öz eýeçiligine geçirmeklik | Lizing |
| ***52.*** | Aktiwleriň, gymmatly zatlaryň nagt pula öwrülmeklik ukyplylygy; karzdaryň öz bergidarlyk borçnamalaryny jaý wagtynda üpjün etmeklik ukyplylygy | Likwidlik (Tiz satylyp bilinýan) |
| ***53.*** | Bergidarlyk borçnamalaryny üzmeklik we gönüden göni amal edip hem-de aňsatlyk bilen pula öwrüp bolaýjak serişdeler | Likwid (Tiz satylyp bilinýan) aktiwler |
| ***54.*** | Elmydama kärhananyň pulhanasynda bolup biläýjek pul jeminiň serişdeleri | Pulhananyň çäk goýlan möçberi |
| ***55.*** | Täjirçilik bankynyň jemi möçberdäki borçnamalaryna laýyklykda we çekilen puluň göterim görnüşinde aňladylýan serişdeleriň esasynda, Türkmenistanyn Merkezi bankyna hökmany ätýäçlik gaznasyna geçirlip saklanmaly pul jeminiň özara baglanşygy | Hökmany ätýäçlik gaznasyna berilmeli möçber |

| | | |
|---|---|---|
| ***56.*** | Emitentyň dolanşyga göýberen gymmatly kagyzynda şu borçnama tassyklanýar, ýagny onuň eýesine nominal bahasy boýunça kesgitli göterimini, bellenen möhletinde öwezini dolup tölenjekdigi | Obligasiýa |
| ***57.*** | Bankyň müşderisiniň hasabyndaky töleginiň möçberi, galan pulundan artyk bolan halatynda, onda oňa ýörite görnüşinde gysga möhletli karzy bermeklik mümkindir. Bu karz aňrybaş nurbatly müşderä berilýändir. | Owerdraft |
| ***58.*** | Töleýjiniň dykgatyna esasanam töleg talapnamalary boýunça, doly ýa-da bölekleýin tölegleri geçirmeklik üçin, berlen hasaplara, hasaplaşyk resminamalara onuň ýazuw üsti bilen resminama arkaly närzylygyny bildirmeklik | Akseptden boýun gaçyrmak |
| ***59.*** | Ilkinji bazaryň dolanşygynda gymmatly kagyzlary haýsydyr bir toparyň şahslaryň arasynda satyn almak ygtyýarlyklaryna çäk salman ýerleşdirmekligiň usulýeti | Açyk abuna ýazylmak |
| ***60.*** | Eýeçiliginiň edara tarapyny döredýän şahslaryň öz hasaplaşyk hasaplarynda ýetmezçiliki serişdeleri bilen, häzirki pursatda, töleg amallaryny berjaý etmeklik üçin, tölegleriň yzygiderlik usulyýetine eýermekligi derkardyr. | Tölegleriň yzygiderliligi |
| ***61.*** | Maýa goýujynyň eýeçiliginde bolan gymmatly kagyzlary, pul serişdelerini, satyn almaklyk üçin gymmatly kagyzlardan ybarat bolan maýa goyum torbasy | Gymmatly kagyz torbasy |
| ***62.*** | Döwletiň serhedinden geçirlen harytlardan, gymmatlyklardan we emläklerden gümrük edaralary tarapyndan alynýan döwlet pul salgytlary | Gümrük paçlary |
| ***63.*** | Üzmeklik möhleti uzaldylan bank ssudalary | Möhleti uzaldylan ssudalar |
| ***64.*** | Döwlet edaralarynda bellige alynýan we geljekki gymmatly kagyzlaryň satylşy we teklipleri, dolanşyga göberiljek we ýerleşdiriljek paýnamalary, obligasiýalary barada esasy maglumatlary öz içine alýan resminama | Dolanşyga göberilýän resminamaň baýannamasy |
| ***65.*** | Bir tarapyndan, bank işgäri tarapyndan karzyna alnan pullar, beýleki tarapyndan, karz alyjy müşderiň bankdan alan pullary üçin tölegleri | Bank göterimi |
| ***66.*** | Gymmatly kagyzlarda ady ýazylan eýeleriň we bu kagyzlaryň hereketleri barada jem ýazgysy (adatça obligasiýalar we paýnamalar) | Gymmatly kagyzlaryň ýazgy kitapçasy |
| ***67.*** | Bankyň goýumçylary tarapyndan, duýdansyz esli töleg talapnamalar peýda bolan halatynda, tizden tiz peýdalanyp bolýan aktiwler | Täjirçilik banklaryň ätiýaçlyk gorlary |
| ***68.*** | Banklaryň karz bermeklik ukyplygyny kesgitleýän ýörite görkezijiler; olar banklardan maglumatlar geldigiçe täzelenýar we düzeldilýar | Bankyň karz berijilik ukyplylyk derejesi |
| ***69.*** | Möhletleri gutaryp barýan gymmatly kagyzlaryny üzmek üçin, täze gymmatly kagyzlaryny dolanşyga göýbermek; karzyň şertleri üýtgetmekligi, ýagny möhletini uzaltmak we has pes nyrhyna getirmeklik; karzyň möçberini ulaltmak we onuň möhletini uzaltmaklyk | Gaýtadan maliýeleşdirmek |
| ***70.*** | Giren girdeýji bilen çykdajy (tölegleriň) aratapawudy | Saldo |
| ***71.*** | Söwda-maliýe çalyşma amalynyň gymmatly kagyzlary, gyzyl pullary almak (satmak) ylalaşygy, şular bilen bilelikde geçýändir, ýagny: belli bir möhletinden soň ýa-da başga şertleri bilen agzalan harydy yzyna almak (satmak) barada garşylyklaýyn amal ylalaşygyny berjaý etmeklik | Swop |
| ***72.*** | Töleg balanslarynyň saldolaryny kadalaşdyrmak, ätiýaç gorlarynyň üstüni ýetirmek, halkara pul gaznasy bilen hasapalşyklary geçirmeklik üçin, halkara pul gaznasy we töleg serişdesi | Ýöite ygtyýarlyklary almaklyk |
| ***73.*** | Umumy Ýewropanyň pul birligi | Ýewro |
| ***74.*** | Diňe Biržanyň içerki dälde eýsem daşky amaly, ýagny: gyssagly suratda üpjün etmekligi we töläp üzmekligi nazara tutup, nagt gyzyl puly ýa-da harydy satmaklyk | Spot |
| ***75.*** | Merkezi Bank tarapyndan täjirçilik banklaryna, kärhanalara we telekeçilere karz bermeklik mümkinçiliklerini döretmek maksady bilen, berýän karzlaryň göterim nyrhy | Gaýtadan maliýeleşdirmek nyrhy |
| ***76.*** | Belli bir bank tarapyndan onuň tabşyrygy boýunça geçiriljek amallaryň barşyny şöhlelendirmek üçin, aragatnaşykçy bankda açyp berilýän hasap | Loro hasaby |
| ***77.*** | Daşary söwdasynda esasy hasaplaşyk resminamasy bolup, pul iberýän weksel | Tratta |
| ***78.*** | Belli bir bank tarapyndan özara tölegleri şöhlelendirmek üçin aragatnaşykçy banklarynda açýan hasaby | Nostro hasaby |
| ***79.*** | Merkezi banklar tarapyndan, artyk berilýän pul köplügini düzgüne salmaklyk syýasatyna eýerip, pul ulgamyň çelgilerini maksatly amala aşyrmaklyk | Targetirlemek |
| ***80.*** | Eýeçiligi ynançly dolandyrmak amal hereketi | Trast |
| ***81.*** | Paýdarlar jemgyýetiniň düzgünnamasynda pul ölçeginde bolup,döredijileriň hususy maýa goýumlaryndan, paýnamalary satmakdan gelen girdeýjilerinden we şuňa meňzeşlerden peýda bolup, başlangyç, ilkinji maýa gory diýlip bellige alynýar | Maýalyk gor |
| ***82.*** | Wekseliň amal möhleti gutarmazdan öň, ony bellenen (nominal) bahasyndan hem pes bolan bahadan satyn almaklyk | Wekseli hasaba almak |
| ***83.*** | Bank tarapyndan bergileri üzdürmeklik ygtyýaryny satyn almak ýa-da başgaça aýdaňda üpjün edijiniň satyn alyja bolan pul talapnamalaryny bankyň satyn almaklygy we belli bir muzd üçin olary ihkassirlemeklik | Faktoring |
| ***84.*** | Gymmatly kagyzlar bazarynda ezber gatnaşyjy bolup, ol bazarda öz hususy hasabyna | Maliýe dileri |

| | | |
|---|---|---|
| | we öz adyndan iş herekedini amal edýän adam | |
| ***85.*** | Gelejekde belli bir haryda bazar bahasy bedel bolup biljek halatlaryndan, satyjylary we alyjylary ätiýaçlandyrmak maksadyny nazara tutup gyssagly (uzak möhletli) amaly, ylalşygy baglaşmaklyk.Uzyn, gysga ýa-da arassa bolup bilýär | Hedž |
| ***86.*** | Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň serişdeleri, eýeçilikleri, girdeýjileri we amallary döwlet salgydyň we paçlaryň ählisinden boşadylýandyr | Merkezi bankyna salgyt salnyşy |
| ***87.*** | Esasy gaznalaň gymmatlyklaryny öndürlen önümiň nyrhyna kem-kemden geçirmek iş herekedi | Amortizasiýa |
| ***88.*** | Pul ýa-da haryt resminamalara eýe çykan adama, belli bir möçberindäki pullaryň jemini, girdeýjileri we emläge bolan ygtyýarlyklary bu resminamalar boýunça berilýandir | Gymmatly kagyzlar |
| ***89.*** | Milli gyzyl puluň hümmeti çet ýurtlaryň gyzyl pullaryna görä gatnaşygy boýunça ýokarlanmasy | Rewalwasiýa |
| ***90.*** | Türkmenistanyň geňeşdary, bankçysy we fiskal wekili hökmünde kabul edilen | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| ***91.*** | Ähliumumy ölçüt hökmünde ulanylýan we beýleki harytlaryň gymmatlyklaryny onuň kömegi bilen kesgitlenýan, herbap harydyň ýörite görnüşi | Pul |
| ***92.*** | Çet ýurtlaryň gyzyl pullarynyň iri tapgyrlaryny satmak ýa-da satyn almak üçin, gyzyl pul bazarynda we gyzyl puluň hümmetine döwletiň Merkezi banky tarapyndan belli bir maksada gönükdirilen, bir saparlyk uly täsir amaly | Gyzyl pul iterwensiýasy |
| ***93.*** | Köplenç täzelekçilik banklary tarapyndan tehniki täzelikler, ylmy işlerini we açyşlary hem oýlap tapyşlary ornaşdyrmaklyk bilen baglanyşykly, puly karz bermek hem maliýeleşdirmek üçin, gymmat kagyzlar we pullar arkaly geçirilýän amallar | Wençur amallar |
| ***94.*** | Bank ulgamynda dolanşyga goýberilen korporatiw gymmatly kagyzlaryny bellige alýan gurama | Türkmenistanyň merkezi banky |
| ***95.*** | Durnukly gyzyl pullaryň, halkara hasaplaşyk birligine garaňda, ýurduň gyzyl pul hümmetiniň aşaklamagy we pul birliginiň düzüminiň altyn derejesi hakykatdanam peselmekligi | Dewalwasiýa |
| ***96.*** | Banklar üçin iň soňky derejesinde karz beriji gurama | Türkmenistanyň merkezi banky |
| ***97.*** | Talap edilýan borçnamalaryňy başga bir ygtyýarlygyňy kimdir birine geçirmek | Zessiýa |
| ***98.*** | Gymmatly kagyzlaryň bir görnüşini, belli bir ülňi boýunça kesgitlenen pul resminamasy bolup, töleýjiniň öz bankyna ýazmaça beren buýrugydyr, onuň hasabyndan buýruga eýe çykana pul jemini tölemeklik | Çek |
| ***99.*** | Gymmatly kagyzlary dolanşyga göberip birinji maýa goýujylara satmak | Emissiýa |
| ***100.*** | Köplenç daşary söwda amallarynda ulanylýan eksport edijilere karz bermekligiň özboluşly ülňesi. Weselleri hasaba alyp söwdany maliýeleşdirmek, şonuň bilen birlikde wekseli satyn alyjy import eýlejiniň töwekgelçiliklerini töläp bilmejek halatynda-da öz üstüne alýar | Forfeýting |
| ***101.*** | Pul nyşanlaryny, gymmatly kagyzlary, töleg-hasaplaşyk resminamalary dolanşyga göberýan şahs | Emitent |
| ***102.*** | Önümçiligi gurnamak,dolandyrmak, ýolbaşçylyk etmek | Menejment |
| ***103.*** | Häzirki döwrüň talaplaryna laýyk haýsydyr bir zady özgertmek, kämilleşdirmek | Modernizirlemek |
| ***104.*** | Könelen esasy serişdeleri täzelemek | Renowasiýa |
| ***105.*** | Kärhananyň edara tarapyny döredýän we döretmeýan şahslary bilen hojalyk argatnaşyklarynyň netijesinde düşýän bergileriň jemi | Debitor bergileri |
| ***106.*** | Adamyň we tebigy gursagynyň özara gatnaşygynyň meseleleri boýunça bilimleriň jemi | Ekologiýa |
| ***107.*** | Haýsydyr bir hereket edýän gurluşyň medet berip hyzmat edýän bölegi | Infrastruktura |
| ***108.*** | Ylalaşýan taraplaryň özara borçnamalaryna esaslanýan şertnama, ylalaşyk, köplenç ýazmaça görnüşinde | Kontrakt |
| ***109.*** | Belli bir muzd üçin wagtlaýyn ulanmaga kireýine alynýan haýsydyr bir emläk (ýer, binalar, kärhanalar we ş.m.) | Yjara |
| ***110.*** | Hödür edilýän hyzmatlaryň, çykarylan önümleriň, görnüşlerini artdyrmak iş herekedi | Diwersifikasiýa |
| ***111.*** | Puly peýdalanman, harydy haryda ýa-da üçinji harytdan ästaşyry gönüden-göni çalyşmaklyk | Barter |
| ***112.*** | Oýlap tapyjynyň onuň oýlap tapan zadyna ýalňyz hukugyny we döredijiligini tassyklaýan resminama | Patent |
| ***113.*** | Kärhanalara, şereketlere, döwlet tarapyndan (köplenç pul görnüşinde) berilýan hemaýat | Subsidiýa |
| ***114.*** | Milli ykdysadyýetiň (diňe watanymyzyň içinde dälde eýsem daşynda) öndürilen ähli harydyň we hyzmatlaryň ýyllyk bazar bahasy | Milli ykdysadyýetiň jemi önümi |
| ***115.*** | Belli bir ýurduň içinde, diňe milli öndürijiler tarapyndan dälde eýsem çet ýurtlaryň öndürijileri tarapyndan döredilen, ähli gutarnykly önümiň ýyllyk bahasy | Milli ykdysadyýetiň jem önümi |
| ***116.*** | Meýilleşdirilen ýitgilerini ödemeklik üçin büdjetden pul göberilmesi (kemini töleme) (mysal üçin durmuş-üpjünçilik taýdan önümi pes bahadan işläp çykarýanlara) | Dotasiýa (pul hemaýaty) |

| | | |
|---|---|---|
| ***117.*** | Önümleriň at sanawy (köplenç önümçilikde) | At ýazgysy |
| ***118.*** | Milli önümimizi, maýalyk gorlaryny watanymyzdan daşyna çykarmaklyk | Eksport |
| ***119.*** | Jemgyýetiň arassa milli önümi | Milli girdeýji |
| ***120.*** | Çet ýurtlaryň harytlaryny, maýalyk gorlaryny watanymyza getirmeklik | Import |
| ***121.*** | Haýsydyr bir hojalyk işi bilen, patentlar bilen hem harytlary getirmäge we äkitmäge we ş.m., amallary bilen meşgullanmak üçin berilýän rugsatnama | Ygtyýarnama |
| ***122.*** | Bäsdeşleriň sustlaryny basmaklyk we bazary ýa-da gymmatly kagyzlary birža pes bahadan bir ýere toplap çykarmaklyk | Demping |
| ***123.*** | Milli haryt öndürijini we içki haryt bazaryny goramak maksatlar üçin girizilen salgyt | Aksiz |
| ***124.*** | Ýurduň ähli ykdysadyýetiň iň aňrybaş ykdysady-durmuş üpjünçiligiň görkezijisi | Milli ykdysadyýetiň jem önümi |
| ***125.*** | Inflýasiýanyň umumy derejesiniň we ilat üçin harydyň we hyzmatlaryň bahasyny artmagyny kesgitleýän görkeziji | Inflýasiýa nukdaýzaryndan nyrhlaryň görkezijisi |
| ***126.*** | Milli ykdysadyýetiň jem önümi bilen milli girdeýjiniň aratapawdudy | Amortizasiýa gaznasy (ýyldaky amortizasiýa üçin goýberilýan pullaryň jemi) |
| ***127.*** | Diňe içerki ulanşyga we ýygnamaklyga ýaýradylýan arassa içki önüm | Milli girdeýji |
| ***128.*** | Diňe ýurduň içinde däl eýsem daşynda milli haryt öndürijiler tarapyndan işläp çykarylan goşmaça bahasy | Milli ykdysadyýeiň jem önümi |
| ***129.*** | Ykdysadyýetiň ähli ugurlary boýunça inflýasiýany kesgitleýän iň esasy indeksi | Deflýator |
| ***130.*** | Salgyt görnüşinde döwlet müdirliginiň eýeçiliginde gelip gowuşýan pul serişdeleri (Ykdysadyýet we Maliýe Ministrligine) | Döwlet býüdjetiniň girdeýjileri |
| ***131.*** | Býüdjetiň çykdaýjylarynyň girdeýjilere garaňda agdyklyk etmekligi | Býudjetiň ýetmezçiligi |
| ***132.*** | Býudjet ýetmezçiliginiň esasy maliýeleşdirýan çeşmesi | Türkmenistanyň merkezi Bankynyň pul emissiýasy |
| ***133.*** | Ýurduň esasy balansynda şöhlelendirlýan daşary ykdysadyýet dolanşygynyň eksport-importyň ähli amallary | Töleg balansy |
| ***134.*** | Inflýasiýanyň umumy derejesini häsiýetlendirýan aňrybaş derejesiniň iň esasy gökezijisi | Deflýator |
| ***135.*** | Esasy maýalyk goryny ösdürmeklige gönükdirilýan pul serişdeleri (täze binalary gurmaklyk, durkyny täzelemek, döwrebap keşbine getirmek we täze enjam satyn almak) | Düýpli maýa goýumlary |
| ***136.*** | Nepagatlara, hemaýat haklaryna, talyp haklaryna we ilata niýetlenen dürli töleglere näme diýilýar | Durmuş üpjünçilik transfertlar |
| ***137.*** | Pul agregatlary (serişdeleri) M0, M2, M3 berlen karzlaryň möçberi, milli puluň hümmeti, daşary bergidarlyk, töleg balansynyň saldosy we beýlekiler | Bank ulgamynyň aňrybaş görkezijileri |
| ***138.*** | Harytlaryň eksport we import möçberiniň artmasynyň (azalmasynyň) netijesi | Söwda balansynyň saldosy |
| ***139.*** | Pul agregatlaryny (serişdelerini) deňeşdirip görüň (uludan kiçä nobatynda) | M3-M2-M0 |
| ***140.*** | Elýeter töleg serişdesi hökmünde bada-bat peýdalanyp bojak pul köplüginiň aňrybaş likwid (tiz satylyp bilinjek) bölegi | Nagt pul M0 |
| ***141.*** | Dolanşykda nagt pullatyň jemi we nagt däl serişdesi hökmünde hasaplanýan esasy pul agregaty (serişdesi) | Dolanşykda bolan pul köplügi M2 |
| ***142.*** | Haryt-maddy gymmatlyklaryň, zähmet haklarynyň, bergili bolan karz berijileriň we bergidarlygy artmagynyň hem emeli puluň köpelmeginiň gorlaryny toplamak bilen, ýüze çykýan inflýasiýanyň pynhan görnüşi | Barter, özara üzülişikler, kliring |
| ***143.*** | Bir günlük möhletli bolan depozit ylalaşygy | Owerdraft |
| ***144.*** | Talap edilýänçä, gyssagly depozitlere we ilatyň çekilen gaýry pul serişdelerine at berilmesi | Ilatyň goýumlary |
| ***145.*** | Weksel tölemek razylygy alnan pursadyndan başlap, aksept alyjynyň weksel boýunça borçnamalary güýje girip ugraýar | Wekseliň aksepti |
| ***146.*** | Ilat üçin tölegleriň nagt däl görnüşi | Plastik karty |
| ***147.*** | Harytlaryň we hyzmatlaryň amallaryny, girdeýjilerini we gündelik transfertlary öz içine alýan töleg balansynyň esasy hasaby | Gündelik amallarynyň hasaby |
| ***148.*** | Işläp çykarlan önümiň netijeligi, düşewüntligi häsiýetlendirýandir; önümiň düşewüntligi, çykarlyşynyň derejesi - bu sap girdeýjiniň we ................ gatnaşygydyr | Özüne düşýan gymmaty |
| ***149.*** | Eger kärhananyň maliýe düşewüntligi bankyň karzlarynyň göterim nyrhyndan ýokary bolsa, onda bu kärhananyň peýdalanmak üçin alan karz serişdeleriniň amatlylygyny aňladýandyr | Sap girdeýjiniň hususy serişdelerine bolan degişliliginde *100% |
| ***150.*** | Eger pullar harydyň bahasyny kesgitleýan bolsa, onda şonuň bilen birlikde pul haýsy amaly berjaý edýar | Nyrhynyň ölçegini takyklamak |
| ***151.*** | Eger pullar haryt çalşygynda hem alyjynyň we satyjynyň hyzmatlarynyň dellalçysy hökmünde gulluk edýan bolsa, onda şonuň bilen birlikde puluň ýerine ýetirmeli iş hereketlerine näme diýilýar ……….. | Dolanşyk serişdesi hökmünde hyzmat etmeklik |